***Saud Arabystany millionlarça düýe üçin ýörite pasportlary bermegi meýilleşdirýär. Bu barada «Al-Ekhbariya» döwlet telekanaly habar berdi. Ýurduň Daşky gurşaw, suw serişdeleri we oba hojalygy ministrligi tarapyndan tanyşdyrylan bu pasportlar, maldarçylyk pudagynda netijeliligi ýokarlandyrmaga we düýeler barada bitewi maglumat binýadyny döretmäge hyzmat eder.***

Bu gurluş düýeleriň söwdasyny we eýeçilik hukuklaryny resmileşdirmegi ýeňilleşdirer.




2024-nji ýylyň maglumatyna görä, ýurtda 2,2 milliona golaý düýe bar. Düýeler diňe bir ulag däl, eýsem, Saud medeniýetiniň we girdejili nesilçilik pudagynyň aýrylmaz bölegidir.

2024-nji ýyl Saud Arabystanynda “Düýe ýyly” diýlip yglan edildi. Bu bolsa ýurduň bu haýwanlara berýän medeni we ykdysady bahasynyň näderejede ýokarydygyny subut edýär. Şeýle hem arheologik barlaglar Saud topraklarynda düýe şekilleriniň mundan 7000 ýyl ozal hem gaýalara çekilendigini görkezýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026

**Gyzykly maglumat:** Saud Arabystanynda her ýyl geçirilýän «Düýeleriň gözellik bäsleşiklerinde» eýeleri öz mallaryna ýüz müňlerçe dollar sarp edýärler. Guramaçylar soňky wagtda düýelere edilýän emeli kosmetik goşulmalara (botoks we ş.m.) garşy berk çäreleri görýärler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены
save pdf date >>> 05.02.2026